# Putiniñ ekspansiýasyndan «utanýan» Hruşýowyñ agtygy atasynyñ bu çozuşy «peslik» hasaplajagyny aýdýar

Category: Kitapcy,Publisistika,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Putiniñ ekspansiýasyndan "utanýan" Hruşýowyñ agtygy atasynyñ bu çozuşy "peslik" hasaplajagyny aýdýar PUTINIÑ EKSPANSIÝASYNDAN «UTANÝAN» HRUŞÝOWYÑ AGTYGY ATASYNYÑ BU ÇOZUŞY «PESLIK» HASAPLAJAGYNY AÝDÝAR

*Nýu-Ýorkda ýaşaýan Nina Hruşýowa ýadro howpy ara düşende sowet lideri N.Hruşýowyñ we Jon Kennediniñ «ýüreginiñ agzyna gelendigini» gürrüñ berýär.*

Nikita Hruşýowyñ agtyklaryndan Nina Hruşýowa Wladimir Putiniñ Ukraina çozmagyndan «utanýandygyny» we merhum sowet ýolbaşçysynyñam Ikinji jahan urşundan soñ täzeden dikeldilen şähere rus goşunlarynyñ hüjüm etmegini «peslik» saýjagyna ynanýandygyny aýtdy.

Hruşýow 1971-nji ýylda aradan çykanda 5-6 ýaşlaryndaky Nina Hruşýowa atasynyñ we ABŞ-nyñ Prezidenti Jon Kennediniñ 1963-nji ýylyñ raketa konfliktini bary-ýogy birküç günde çözendigini, sebäbi ikisiniñem ikitaraplaýyn ýok etme ähtimallygyndan ýaña «ýürekleriniñ agzyna gelendigini» gürrüñ berýär.

Hruşýowa «The Independent» habarlar gullugyna «Birem şu güne serediñ. Putiniñ ýüreginiñ agzyna geljek gümany ýok» diýýär.

Hatda onuñ ýadro gorhanasyny gurandygyny aýdýar.

1964-nji ýylda doglan we 2002-nji ýylda ABŞ-da ylmy iş bilen meşgullanmaga başlan Hruşýowa häzir Nýu-Ýorkyñ ýörite ylmy-barlaglar uniwersitetiniñ «The New School»-ynda halkara

gatnaşyklary ugrunyñ professory. Hruşýowa Putiniñ Ukrainany doganlyk ýurt hasaplap, soñam çozandygy sebäpli özüniñ «sepmeden gaýdan» ýaly bolandygyny we Russiýanyñ Prezidentiniñ hereketi üçin utanýandygyny aýdýar.
Hruşýowa «Urşuñ öñüni almaga synanyşandygyny öñe sürendigine garamazdan Russiýa bilen birdigi aýdylan, doganlyk Ukraiina ýurduna hakykatdanam uruş yglan edendigine ynanamok» diýýär.
«Bu hasam beter Orweliñkä meñzeş görüljek ähli distopik romanlar ýaly. Bilýäñiz-ä, Haksli, Orwel ýaly… Aslynda isläniñizi saýlap bilersiñiz.»
Hruşýowa dowam edýär:
«Putiniñ näme isleýänine düşünmek indi has kynlaşdy. Kimdir bireleriniñ nämüçin häzirem meni gözleýänine-de düşünemok. Sebäbi men ýalñyşdym.
Geçen duşenbe gününe çenli gidip bir ýurda, häzirem özüñe ýakyndygyny aýdýan ýurduña çozmagyñ näderejede öz-özüñi heläklemekdir diýip düşünýärdim. Hususanam amerikan kontrrazwedkasy bilen turan şunça gopgundqn soñ.
«Nabokow. Sungatyñ we syýasatyñ arasyndaky Russiýa» («Nabokov: Russia Between Art and Politics»), «Putiniñ aýak yzlary. Russiýadaky 11 wagt ölçegi boýunça bir imperiýanyñ ruhuny gözlemek» («Putin’s Footsteps: Searching for the Soul of an Empire Across Russia’s Eleven Time Zones») ýaly birnäçe kitabyñ awtory Hruşýowa Günbataryñ konfliktden gowy baş alyp çykyp bilmändiklerini we rus lideri synap-oýnaýan ýaly bolandyklaryny aýdýar.
Hruşýowa Baýden hökümetiniñ azda-kände garşylyk görkezmegi üçin Putini öjükdirmek isleýän ýaly hereket edendigini aýdýar. Öñki sowet ýolbaşçysynyñ agtygy «Serediñ, bärde gürrüñsiz ýalñyşlyk Putinde, sebäbi näçe degnañyza degilýänem bolsa, gidip bir ýerini bombalabermeli diýen zat ýok» diýýär.
«Emma Baýden hökümetiniñ maksady boş gygyryp muny togtatmak bolan bolsa, onda bu görnüp duran zat – oñaran zatlary bolmady. Olaryñ häzirki düşündirişleri näme bolanda-da iş başarmaýandyklaryny görkezdiler, çünki bu görnetin ýalñyş syýasatdy.»
Birtopar analist ýaly Hruşýowa hem Putiniñ araçäge süren

güýçleriniň howpundan peýdalanyp, NATO bilen Günbatara garşy artykmaçlyk gazanmaga jan edýändigini pikir edýändigini we Putiniň «pähimlilik» görkezjekdigini çaklaýandygyny aýdýar.
«Mälim bolşy ýaly, NATO döwletleriniň diplomatiki tagallalary käte emelsizjedi. Muňa Britaniýanyň Daşary işler ministri Liz Trussyň Russiýanyň Daşary işler ministri Sergeý Lawrow bilen geçiren we rus diplomatyň «lal bilen keriň» gürrüňine meňzeden ýygnagy-da degişli.»
Hruşýowa «Ýene bir gezek nygtap aýdýaryn: Putinden başga hiç kimi günäkärlämok, sebäbi degnaňa degiläýen-de…» diýýär.
Bu doly diýen ýaly uly kowid belasynyň soňky sindromy ýaly bolup görünýär. Käbir adamlaryň gahary gelende uçar işgärini urýandygyny ýa-da kimdir birini ýumruklaýandygyny bilýänsiňiz. Putinem şolar ýaly ýagdaýda «Maňa hiç zat gyzykly däl, ýurdy bir bombalaýyn» diýdi.
«Ýagny, Putinden başga hiç kim munuň jogapkäri we günäkäri däl. Şonuň üçinem onuň jogapkärçilige çekilmegi gerek.»
Hruşýowa konfliktden çykmagyň aňsat bolmajagyny aýdýar. Günbataryň gelejekde Russiýa bilen has gowy gatnaşyklary açmagyň ýoluny tapyp biljekdigini, emma şu golaýda öz ünsüni häzirki konflike bermelidigini aýdýar.
Hruşýowa Moskwada doguldy we Moskwa Döwlet uniwersitetini tamamlandan soň 1998-nji ýylda Prinstonda doktorlyk dissertasiýasyny gorady.
Hruşýowa blogynda şeýle ýazýar:
*«Göterýän familiýama buýsanýaryn. Bu meniň atam Nikita Hruşýowyň familiýasy. Biz bärde atam bilen bile onuň Moskwanyň elli kilometre golaý günbatarynda ýer alan Petro Dalneýedäki pensionerler öýünde bolýarys.*
*Bu familiýa eýe bolmagyň diňe bir jogapkärçiligi bar: Gürleşýän adamlarym köplenç meniň bilen däl-de merhum sowet lideri bilen gürleşýär. Käwagt özümi olaryň ideologik gyzyklanmalary ýa-da taryhy ýatlamalary üçin dekorasiýa ýaly duýýaryn, edil siziň dynç alyş merkezinde Nikson, Klinton, Şwarsnegger ýaly ýasama keşpler bilen surata düşüşiňiz ýaly.*
*Hruşýow ömrüniň köp bölegini Gündogar Ukrainanyň Donbas oblastynda işläp geçiripdi. Ikinji jahan urşunda 1941-nji*

*ýylda nemes faşistleri Kiýewi eýeläp doly weýran edipdi we 1 million 600 müñden gowragy jöhit bolan 5 milliona golaý ukrainalynyñ ganyna galypdy. Hruşýow uruşdan soñ Ukrainanyñ Kommunistik Partiýasynyñ baş sekretarlygyna bellenip, Kiýewiñ we ýurduñ galan bölegini täzeden dikeldenden soñra Stalin maslahatçysy bolup Moskwa ugradylypdy, 1953-nji ýylda-da SSSR-iñ döwlet ýolbaşysy wezipesini eýeläpdi. 1964-nji ýylda bolsa işden gitdi.»*

N.Hruşýow ýatlamalarynda Ukraina üçin şeýle ýazýar:

*«Ukrain halkynyñ meni gowy görendigini aýdyp bilerin. Ol ýerde geçiren ýyllarymy ýadymdan çykaramok. Jogapkärçilikler bilen doly döwür boldy, emma çak edişimdenem gyzykly geçdi.»*

Hruşowa atasynyñ ýaragly çaknyşyklaryñ ýitgisinden habarly uruş generalydygyny aýdýar. Şonuñ üçinem onuñ üstünden gülnenem bosa, ýaraglanşygy bes etmek üçin tagallasyny gaýgyrmandy.

Atasynyñ Putiniñ hereketine nähili garajakdygy hakynda näme pikir edýändigi soralanda, Hruşýowa şu jogaby berýär:

«Hruşýow Ikinji jahan urşundan soñ Kiýewi täzeden gurdurypdy, bu şäheri aýratyn gowy görýärdi. Ol Kiýewi öñki durkuna getirip, gaýtadan janlandyrmak üçin elinden gelenini etdi, indi bolsa şäher başga bir rus lideri tarapyndan bombalanýar.»

Hruşýowa sözlerine şeýle dowam edýär:

«Muny iññän ýaramazlyk we peslik hasaplardy, şeýle bolmagyna-da hiç bir ýagdaýda ýol bermezdi.»

Andrew BUNKOMBE.

04.03.2022 ý.

https://www.independent.co.uk/news/world Publisistika